# Nohuryñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Nohuryñ

NOHURYÑ

Şeýle beýik daglary bar,
Howasy şypadyr Nohuryñ.
Bal miweli baglary bar,
Miwesi dermandyr Nohuryñ.

Beýik-beýik ahunam bar,
Molladyr karysam bar,
Ähli derde em tapylýar,
Ylymy arşdadyr Nohuryñ.

Arça basan zawlarynda,
Şir, peleñli daglarynda,
Gök owüsýan ýazlarynda,
Jereni bardyr Nohuryñ.

Aýdym-saza sarpasy bar,
Döredýäne hormaty bar,
Özboluşly sungaty bar,
Illeri sahydyr Nohuryñ.

Myhmansöýer ýurtdur bilseñ,
Haýran borsuñ baryp görseñ,
Aýlanmaga geljek diýseñ,
Illeri şatdyr Nohuryñ.

Myrat AMANOW.

Goşgular